**Türkmenistanyň Statistika<br>baradaky döwlet komitetiniň<br>2019-njy ýylyň 21-nji noýabryndaky<br>№127 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ K-3 "Döwlete dahylsyz sektoryň senagat kärhanalarynyň harytlarynyň, işleriniň we hyzmatlarynyň öndürilişi we iberilişi barada hasabat" (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Hasabat "Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynyň ikinji bendine laýyklykda statistika edaralaryna tabşyrylýar.

№ K-3 formany beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly we şahsly taraplarynyň eýeçilikli, türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçilikli, senagat önümleri (işleri, hyzmatlary) öndürýän özleriniň hakyky ýerleşýän ýerleri boýunça formada görkezilen salgylara we möhletde tabşyrýarlar. Forma her çärýekde ýylyň başyndan bäri (3 aý, ýarymýyl, 9 aý, ýyl) döwür boýunça tabşyrylýar.

2. Ilkinji statistik maglumatlar ýaşyryndyr we olar jemleýji statistik maglumatlary emele getirmek üçin peýdalanylýar.

3. Döwlet statistik hasabatlylygyň № K-3 formasynda ýuridiki şahs boýunça maglumatlar, ýagny, şu ýuridiki şahsyň şahamçalary we düzüm bölümleri boýunça ýerleşýän ýerlerine garamazdan tutuşlygyna alynýar.

Zerur bolan halatynda, welaýatyň, etrabyň, şäheriň statistika edarasynyň görkezmesi boýunça tutuşlygyna ýuridiki şahs boýunça döwlet hasabatlylygyň formasy bilen birlikde onuň beýleki welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň çäklerinde ýerleşýän şahamçalarynyň maglumatlaryny aýyrmak bilen tabşyrylmaly. Bu şahamçalar döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny ýerleşýän ýerleri boýunça özbaşdak tabşyrýarlar.

Wagtlaýynça işlemeýän kärhanalar hasabat döwründe harytlary we hyzmatlary öndüren bolsa, döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny haçandan bäri işlemeýändiklerini görkezip, umumy düzgün boýunça tabşyrýarlar.

4. Ýuridiki şahs hukugy bolan golçur kärhanalar, jemgyýetler döwlet statistik hasabatlylygyň № K-3 formasyny şu gollanmanyň 3-nji böleginiň umumy esasyna laýyklykda tabşyrýarlar. Düzüminde ýuridiki golçur kärhanalary bar bolan esasy hojalyk jemgyýetleri ýa-da guramalar döwlet statistik hasabatlylygyň formasyna golçur kärhanalaryň maglumatlaryny goşmaýarlar.

5. Şu formada ýuridiki şahslaryň birleşikleri (assosiasiýalar, konsernler, birleşmeler) olaryň diňe balansynda hasaba alynýan işleriň maglumatlaryny görkezýärler, bu birleşigiň agzalary bolan ýuridiki taraplaryň maglumatlary goşulmaýar.

6. Hasabat döwründe döwlet statistik hasabatlylygyň formasynda geçen ýylyň degişli döwri boýunça görkezilen maglumatlar ýuridiki şahsyň täzeden guramak, görkezijileri jemlemek, usulyýetini üýtgetmek we geçen ýylyň maglumatlaryny takyklamak ýagdaýlaryndan başga, geçen ýylda degişli döwür boýunça tabşyrylan formadaky maglumatlar bilen deň bolmaly. Şu we geçen ýylyň degişli döwri boýunça maglumatlaryň deň gelmezligine formada düşündiriş bermeli.

Eger, hasabat ýylynda ýuridiki şahsyň täzeden döredilmegi, düzüminiň üýtgedilmegi ýa-da hasabyň usulyýetiniň üýtgedilmegi bolup geçen bolsa, onda döwlet statistik hasabatlylygyň formasynda hasabat ýylynyň başyndaky döwrüniň, şeýle hem geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary ýuridiki şahsyň täze düzümi boýunça ýa-da hasabat döwründe girizilen hasabyň usulyýeti boýunça görkezilmeli.

Döwlet statistika edaralaryna jemleýji maglumatlary tabşyrýan alyjylar jemgyýetiniň edaralary döwlet statistika edarasynyň görkezmesiniň esasynda şu edaranyň senagat işleri boýunça hasabatyny düzmeli.

## 1 BÖLÜM. YKDYSADY GÖRKEZIJILER

7. № K-3 formanyň 1 bölümi doldurylynda, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2018-nji ýylyň 31-nji ýanwaryndaky 9 belgili buýrugy bilen tassyklanan “Senagat önümi boýunça hasabatlaryny düzmek üçin umumy gollanmasyna” esaslanmaly.

01 we 02 setirler boýunça hereket edýän nyrhlarda we geçen ýylyň ortaça nyrhlarynda senagat önüminiň önümçilik möçberi görkezilýär. Hojalyk ýöredijiniň öndüren senagat önüminiň (işleriň, hyzmatlaryň) möçberi, ýeňil we azyk senagatlarynyň aýratyn pudaklaryny (haçan-da soňky gaýtadan işlemeklige niýetlenen önüm şu edara görnüşli tarapyň bir sehinden beýleki sehine özüne düşýän gymmaty boýunça däl-de, lomaý goýberiliş nyrhlary boýunça geçirilýär) goşman, zawodyň öz içerki dolanyşygynyň gymmatyny almazdan hasaplanylýar.

Özleri tarapyndan öndürilen taýýar we ýarym taýýar önümleriň şu edara görnüşli tarap bilen öz senagat-önümçilik zerurlyklaryna peýdalanylýan böleginiň gymmaty (şu edara görnüşli tarapyň esasy gaznasynyň (serişdeleriniň) düzümine girýän önümlerden başga) edara görnüşli tarapyň içerki zawod dolanyşygy hasap edilýär.

8. Öndürilen senagat önüminiň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmatlyk görnüşindäki möçberi maglumatlaryň haýsy döwri boýunça getirilýän bolsa, şol döwürde hakyky hereket eden öndürijiniň önüm goýberýän nyrhlarynda (goşulan gymmaty üçin salgytsyz we aksizsiz) hasaplanylýar. Senagat önümçiliginiň möçberiniň üýtgemegini kesgitlemek üçin geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlary ulanylýar (goşulan gymmaty üçin salgytsyz we aksizsiz).

9. Öndürilen we iberilen senagat önüminiň möçberini kesgitlemeklik ugradylýan stansiýa franko-wagon nyrhlary boýunça amala aşyrylýar.

Eger önüm üçin diňe barylýan stansiýa franko-wagon nyrhlary ulanylýan bolsa, onda önümiň möçberi kesgitlenende ugradylýan stansiýadan barylýan stansiýa çenli önüm daşamaklygyň gymmaty umumy jemden aýrylýar.

Eger önüm üçin diňe önüm öndürijiniň franko-ammar nyrhlary ulanylýan bolsa, onda önümiň möçberini kesgitlemeklik şu nyrhlar boýunça amala aşyrylýar.

Aýratyn ýagdaýlarda geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlary hökmünde:

– önümçiligi şu ýylda başlanan we ýylyň dowamynda dowam edýän täze önüme (işlere, hyzmatlara) – önümçiligiň birinji aýynyň nyrhlary;

– bir gezeklik buýurmalar boýunça öndürilen önüme (işlere, hyzmatlara) – hakyky ýerlenilýän nyrhlary hökman ulanmaly.

Hasabat döwründe öndürilen we daşyna ibermek üçin niýetlenen, ýöne entek iberilmedik we tölenilmedik taýýar önümler, olar öndürilen aýynda hereket eden ortaça nyrhlar boýunça öndürilen senagat önümleriniň möçberine goşulýar.

10. 03 setirde özünde öndürilen önümleriň iberilen möçberi, 04 setirde ýurduň daşyna iberileni bölmek bilen görkezilýär. Öndürijiniň hasabyna puluň gelendigine ýa-da gelmändigine garamazdan, öz öndüren we hasabat döwründe sarp edijilere hakyky iberilen (geçirilen) önümleriň (sargytça ýerinde kabul ediş resminamasy boýunça berlen önümi hem goşmak bilen), sargytçy tarapyndan kabul edilen ýerine ýetirilen işleriniň we senagat häsiýetli hyzmatlaryň gymmaty iberilen önümleriň möçberi bolup durýar.

11. 05 setirde hasabat aýynyň ahyryna bar bolan taýýar önümleriň (hyzmatlaryň) galyndylary (ammarlarda wagtlaýynça jogapkärçilikli goýlan önümleri goşmazdan) görkezilýär. Olaryň gymmatlyk görnüşinde bahalanmagy hasabat aýynyň degişli nyrhlarynda (GBS we aksizleri goşmazdan) amala aşyrylýar.

12. 06-10 setirler boýunça sarp ediş harytlar, ýagny, söwda nokatlary arkaly we gös-göni ilata ýerlemek üçin niýetlenen önümler barada maglumatlar görkezilýär. Sarp ediş harytlarynyň möçberi GBS-i we aksizi hasaba almak bilen goýberilýän nyrhlarda hasaplanylýar. Sarp ediş harytlarynyň möçberine azyklyk, azyk däl harytlar we alkogolly içgiler (çakyry we piwony goşmak bilen) goşulýar. Sarp ediş harytlarynyň gymmatlyk görnüşde önümçilik möçberi hemme bellenilen salgytlary goşup, harytlaryň sarp edijilere hakyky ýerlenen nyrhlarynda, eksporta ibermek üçin niýetlenen harytlar boýunça bolsa, Türkmenistanyň Bankara daşary ýurt pul biržasy bilen kesgitlenilen manadyň hümmeti boýunça hasaplanylan geleşik nyrhlarynda hasaplanylýar. Maglumatlaryň deňeşdirilmegini üpjün etmek üçin hasabat we geçen ýylyň degişli döwürleriniň görkezijileri hasabat döwrüniň hakyky hereket eden nyrhlarynda getirilýär.

## 2 BÖLÜM. SENAGAT ÖNÜMINIŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA ÖNDÜRILIŞI

13. № K-3 formanyň 2 bölüminde önümleriň (hyzmatlaryň) aýratyn görnüşleriniň öndürilişiniň we galyndylarynyň maglumatlary görkezilýär.

Önümleriň görnüşleri we ölçeg birlikleri Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2014-nji ýylyň 23-nji maýyndaky 39 belgili buýrugy bilen tassyklanan Türkmenistanyň senagat önümleriniň sanawyna laýyklykda görkezilýär.

Ýuridiki şahsyň öndüren senagat önümleriniň (hyzmatlarynyň) belli bir görnüşleriniň öndürilişi we galyndylary barada maglumatlar doldurylanda, aşakdakylardan ugur almaly.

Önümleriň (hyzmatlaryň) belli görnüşleriniň öndürilişi barada maglumatlaryna (1, 2 sütünler) ýuridiki şahs tarapyndan öz çig malyndan we materiallaryndan, şeýle hem sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan öndürilen, gaýry ulanyjylara, özüniň düýpli gurluşygyna we senagat bolmadyk hojalyklaryna goýbermäge niýetlenen, işgärlerine zähmet hakynyň hasabyna berlen, şeýle hem öndüriji tarapyndan senagat-önümçilik zerurlyklaryna harçlanan senagat önümleri (jemi öndürileni) girýär. Mysal üçin, egriji-dokma fabrigi, şol fabrigiň dokma sehine gaýtadan işlemäge iberilen ýüpligi goşmak bilen ähli öndüren ýüpligini görkezmeli. Aýry ýagdaýlarda, eger döwlet statistika hasabaty edaralary tarapyndan kesgitlenen önümleriň ýazuwynda bellenen bolsa, önümleriň aýratyn görnüşleriniň maglumatlary harytlyk çykarylyşy boýunça, ýagny, öndürijiniň öz senagat-önümçilik zerurlyklaryna harçlanan önümleri goşmazdan görkezilýär.

3 sütünde hasabat aýynyň ahyryna bar bolan taýýar önümleriň (hyzmatlaryň) galyndylary (ammarlarda wagtlaýynça jogapkärçilikli goýlan önümleri goşmazdan) görkezilýär. Olaryň gymmatlyk görnüşinde bahalanmagy hasabat aýynyň degişli nyrhlarynda (GBS we aksizleri goşmazdan) amala aşyrylýar.

4 sütünde hasabat döwründe öndürilen önümiň gymmaty kärhananyň hereket edýän nyrhlarynda görkezilýär.

## 3 BÖLÜM. SENAGAT ÖNÜMINIŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA IBERILIŞI

14. № K-3 formanyň 3 bölüminde iberilen önümleriň görkezijileri san we gymmatlyk görnüşinde getirilýär.

1 sütünde iberilen önümleriň möçberi görkezilýär, munuň özi öndürijiniň hasabyna puluň gelendigine ýa-da gelmändigine garamazdan, öz öndüren we hasabat döwründe sarp edijilere hakyky iberilen (geçirilen) önümleriň (sargytça ýerinde kabul ediş resminamasy boýunça berlen

önümi hem goşmak bilen), sargytçy tarapyndan kabul edilen, ýerine ýetirilen işleriň we senagat häsiýetli hyzmatlaryň gymmaty bolup durýar.

2 sütünde iberilen önümiň möçberine şu aşakdakylaryň gymmaty goşulýar:

a) ýuridiki şahsyň hemme bölümçeleri tarapyndan (öz çig malyndan we materiallaryndan, şeýle hem sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan) öndürilen we hasabat döwründe daşyna, öz düýpli gurluşygyna we senagat däl bölümçelerine iberilen, öz esasy gaznalarynyň (serişdeleriniň) düzümine girizilen, şonuň ýaly-da zähmet hakynyň hasabyna öz işgärlerine berlen taýýar önümleriniň gymmaty;

b) hasabat döwründe daşyna ugradylan, özüniň düýpli gurluşygyna we özüniň senagat däl bölümçelerine iberilen öz öndüren ýarym taýýar önümleriniň gymmaty;

ç) daşyndan sargytlar boýunça, öz düýpli gurluşygy ýa-da özüniň senagata degişli bolmadyk bölümleri üçin ýerine ýetirilen we hasabat döwründe sargytça tabşyrylan, şonuň ýaly-da özüniň enjamlaryny döwrebaplaşdyrmak we olaryň durkuny täzelemek boýunça senagat häsiýetli işleriň (hyzmatlaryň) gymmaty.

Iberilen senagat önümleriň gymmatlyk möçberi öndürijiniň hakyky goýberýän nyrhlarynda goşulan gymmaty üçin salgytsyz we aksizsiz görkezilýär.

3 we 4 sütünlerde eksporta iberilen önümler görkezilýär.

**Senagatyň statistikasy we seljerişi müdirligi**